# Çingiz han ötendir…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Çingiz han ötendir… “ÇINGIZ HAN ÖTENDIR…”




Ýurdun basyp, aýal-gyzyny zorlap,
Bir halkyň bir halky sütem etmegi
Gahrymanlyk däldir, batyrlyk däldir,
Onda namartlyk kändir.
Göwreli aýalyň garnyny ýaryp,
Adamlary ýere diri gömmegi,
Gadagan etmegi
Bäbejige ene süýdi emmegi,
Gahrymanlyk däldir,
Namartlyk kändir.
Ol keremli Atanyň
Ýasan mahludy däldir,
Şeýtanyň şeýtany, arwahdyr aldyr,
Görýäni gyzyl gan,
Iýýäni gandyr,
Içýäni gandyr,
Syçýany gandyr.
Öz ýanyndan özüni
Dünýäň hany öýdendir.
Emma ol şeýtandyr, arwahdyr jyndyr,
Şeýdip ol öz taryhy
Ýurdyny syndyr.
Ony dünýä inderse-de bir ene
Oňa adam diýmek kyndyr.

Çingiz han ötendir,

Teýmir ötendir,
Napalýon ötendir, Gitler ötendir,
Kim bilýär olaň läşi nirde ýatandyr.
Şeýdip sürlen ömre nälet,
Ölüme nälet,
Zuluma nälet.

Geçmişde ýurt basyp, ýurtlar tozadan,
Serkerde atasyn öwene nälet.
Agyr-agyr leşger ýowuna nälet.

24.06.2004 ý.

Allaýar ÇÜRIÝEW. Goşgular